

# Lukman hekim hem Magtymguly hakynda ylmy garaýyşlar, oýlanmalar



MAGTYMGULYNYŇ döredijiliginde 4400 ýaşap dünýäden öten, «Her işiň çäresini bilýän» Lukman atly şahs gabat gelýär. Halk arasynda bu şahsy X-XI asyrlarda ýaşap geçen. Gündogaryň belli lukmany, alymy Abu Aly Ibn Sina bilen baglanyşdyrýarlar. Edebiýatçy alym A.Mülkamanowyň pikirine görä, taryhda Lukman atly şahslaryň dördüsi dagy ýaşap ötüp, olaryň hemmesi yslamdan öňki döwre degişlidir. Ýagny, olaryň hiç biriniň-de biziň göz öňüne getirýän Ibn Sinamyz bilen umumylygy ýokdur. Alymyň pikirine garşy goýar ýaly henize – bu güne çenli mesaňa diýerlik anyk maglumatlary özünde jemleýän makalalar ýok. Magtymgulynyň döredijiligindäki gabat gelýän, tebigat bilen baglanyşykly maglumatlar Ibn Sinaň degişli düşünjeleri bilen gabat gelýär. Bu hakdaky deňeşdirmelerimizi aşakda teswirläris. Belki, goşgudaky ady agzalýan Lukmanyň 4400 ýaşy syrly san bolup, onuň başgarak manysy bardyr? Dogry, ylmy işlerde, edebiýatlarda Ibn Sina diňe bir tebip, lukman hökmünde däl-de, alym-filosof, tebigatçy alym hökmünde-de tanalýar. Bu, Ibn Tufeýliň (XII asyr) işlerinden başlap, häzirki zaman ylmy işlerde-de şeýle.

Ibn Sina ylmyň köp ugurlary bilen birlikde lukmançylygy-da öwrenipdir, ösdüripdir. Bu oňa öz döwründe atly-abraýly ýerde — köşkde lukmançylyk etmäge mümkinçilik beripdir. Halk köpçüligi üçin welin, ylymlaryň hemmesinden iň zerury, gymmatlysy lukmançylyk bolupdyr. Ibn Sina özünden öňki we döwürdeş alymlarynyň bu ugurdan gazanan, öwrenen, toplan işlerini umumylaşdyryp, mähnet kitaplar görnüşde halka gaýtaryp beripdir. Şeýdip, «Tebipçiligiň kanunlary», «Sypa beriji kitap», «tebipçilik hakda parasatly sözler» we şuňa meňzeş lukmançylyga, filosofiýa şeýle hem tebigat ylymlaryna degişli eserler dünýä inipdir. Ol eserler XIII asyrdan başlap, tä XVIII asyra çenli Awisenna ady bilen Ýewropa ýurtlaryň ençemesiniň okuw maksatnamalaryna girizilipdir, okadylypdyr.

Biz, ine, şular ýaly, baryp, orta asyrlar döwründen bäri dünýä belli bolan alymyň döredijiliginiň Magtymgulynyň ylmy dünýäsine täsir eden bolmagy mümkindir diýen çaklama bilen, okyjylaryň köpüsini gyzyklandyrýan bu ynjyk meselä ýapyşmagy makul bildik.

Eýsem, Lukman Hekim hakda nähili maglumatlar bar? Mysallara seredeliň.

1. «Kasasyl enbiýada» berilýän maglumatlara görä, Lukman asly Efiopiýaly agaç ussasynyň ogly, ol köp sanly tilsimaty işlerden baş çykaryp bilipdir. Ol Dawut pygamberiň döwründe (b.e öňki 1033-962-nji ýyllarda) ýaşap ötüpdir.

2. Gadymy arap edebiýatynda köp aforizimleriň, basnýalaryň, nakyllaryň awtoryny Lukman Hekimiň ady bilen baglanyşdyrýarlar.

3. Asly we ýaşap wagty belli bolmadyk, Gündogar halklarynyň edebiýatynda we halk döredijiliginde, her hili işiň çäresini bilýän Lukman hekim.

4. Gurhanda her hili hikmetli sözleri aýdyjy, filosof hökmünde aňladylýar. Gadymy edebiýatlarda Lukmanyň ýaşy hakda-da dürli maglumatlar getirilýär.

Gadymy arap rowaýatlaryna görä, Lukman ýedi sany bürgüdiň ömrüni ýaşap öten adam. Aýdyşlaryna görä, her bürgüt 80 ýaşaýar diýlip hasaplanýar. Diýmek, rowaýatdaky Lukman 560 ýaşap dünýäden öten adam. Edebiýatlarda iň köp ýaşan Hydyr ata hasaplanýar, ikinji oruny Lukman eýeleýär. Şonda Lukmanyň ýaşy dürlüçe görkezilýär: 1000, 3000, 3500 ýyl.

Başda belleýşimiz ýaly, belli bolan ylmy edebiýatlaryň hiç birisinde-de Ibn Sinanyň Lukman hekim bilen birdigini tassyklaýan anyk maglumatlar ýok. Lukman hekimiň başga şahslar bilen gatyşdyrylan ýagdaylary-da bolupdyr. Özbek alymlarynyň käbiri Lukman hekimi gadymy grek tebibi Alkmeon hasap edip çykyş etdiler, emma, bu alymlar köpçüligi tarapyndan oňlanmady.

Biziň ýokarda seredip geçen Lukmanlarymyzyň hiç birisiniň-de 4400 ýaşa dahyly ýok. Diýmek, Magtymgulynyň göz öňüne getirýän Lukman hekimi başga şahs bolmaly.

Elbetde, asly Lukman ─ ýeke-täkdir. Emma durmuşyň özem dürli taryhy döwürler üçin öz Lukmanlaryny orta çykarýar. Biziň şu makalanyň başyna barmak bilen, baş maksadymyz Magtymgulynyň şygyrlaryndaky 20-ä golaý ýerde ady gaýtalanýan, 4400 ýaşap Lukman atly şahsyň kimdigini bilmek we onuň Magtmgulynyň döredijiligine eden täsiri hakynda gürrüň etmekden ybarat.

Biziň pikirimizçe, Magtymgulynyň Lukmanynyň garalyp geçen Lukmanlardan aýratynlygy onuň 4400 ýaşanlygydyr. Bu san elbetde hyýaly, şertli san bolmaly. Sebäbi biologika jandar hökmünde adamyň beýle köp ýaşamaga mümkinçiligi ýokdyr. Diýmek, biz 4400 ýaşyň haýsy hasapdan gelip çykanlygyny-da bilmeli.

Lukman hekimiň Ibn Sinadygy ýa-da däldigi hakyndaky makalalar, jedeller, çekişmeler heniz-henizlerem köşeşenok. Bu ýagdaý nusgawy edebiýatymyzda-da aňladylypdyr. Andalypdan (XVIII asyr) getiren şu aşakdaky setirlerimizde Lukmanlaryň köpdügi, olaryň iň zory, hikmetlisi Lukman hekimdir diýilýär:

***Idris idi älemde beşeriň ulamasy,***
***Lukman hekim erdi ulusnyň hükamasy.***

Ýöne Lukman hekimiň Ibn Sinadygy hakdaky maglumatlar welin duşanok.

Bu ugurdan alymlar A.Meredow bilen H.Ataew degerli maglumatlary getirýär. Ol hem, Ibn Sinanyň adyna ýöňkelýän lakamlardyr: «Hakyň subutnamasy», «Patyşanyň abraýy», «Hekimleriň ýolbaşçysy», «Tebipleriň çasy», «Başlyklaryň ýolgörgörkezijisi».

Sanalan lakamlaryň arasynda «Hekimleriň ýolbaşçysy» we «Tebipleriň şasy» diýen lakamlar Andalypdan getirlen ýokardaky setirleriň Ibn Sina bagyşlanandygyny tassyklaýar.

Ibn Sina ýöňkelýän lakamlary deslapky ugrukdyryjy maglumatlar hökmünde kabul edip, Magtymgulynyň 4400 ýaşan Lukman hekimi baradaky maglumatyndan ugur alyp goýlan meseläniň çözgüdini Ibn Sinanyň ömürnamasyndan gözläliň.

Ibn Sinaň ömürnamasyny onuň özi diri wagty, okuwçysy Jüzjany tarapyndan ýazylypdyr. Okuwçy beýik alymyň ömri we döredijilik ýoly hakynda geň hem gyzykly maglumatlar galdyrypdyr. Getirilen maglumatlaryň içinde aýratyn özüne çekýän bir zat bar. Jüzjanyň ýazmagyna görä, Ibn Sina ömrüniň soňky 25 ýylyny örän öndümli işläpdir. Onuň bu döwri Gaznada, Hemedanda hem Yspyhanda geçipdir. Ol gündizlerine döwlet işlerinde işläp, gijelerine tä daň agarýança öz okuwçylary bilen okuw geçipdir, ylmyň dürli ugurlary boýunça jedelleri, çekişmeleri gurnapdyr. Okuwçylary beýik alyma ylmy traktatlary düzmäge kömek edipdirler. Gijelerine okuw, adatça, köpçülikden gelen soraglara, hatlara jogap ýazmakdan başlanypdyr. Ibn Sina öz inisine arassa üzüm şiresinden ýasalan çakyr guýup bermegi buýrup, özi çalt-çaltdan köpçülikden gelen hatlara jogap ýazypdyr, olaryň hak eýelerine gowuşmagyny gazanypdyr. Işler şeýle bir gyzykly, şüweleňli geçipdir, hatda oňa uzak ýerlerden diňleýjiler geler ekenler. Okuwlar käte aýdym-saz bilen utgaşdyrylypdyr. Alyma degişli bolan ylmy eserleriň köpüsi şol döwürde gijelerine ýazylypdyr. Işler netijeli bolupdyr,

hatda gazanan üstünliklerinden ýaňa ruhlanan beýik alym bu ýerden göni gündizki – döwlet işine gidipdir. Ol şeýdip, köp-köp şägirtleri ýetişdiripdir, olar ýerlere gidip, öz halypasyndan alan tälimlerini halk arasynda ýaýradyjylar bolupdyrlar.

Biziň pikirimizçe, gijesine geçirlen döredijilik çäreleriň gymmatyna beýik alym aýratyn sarpa goýupdyr, mertebe, dereje hökmünde garapdyr. Gazanylan işleriň netijesini mahabatlandyrmak üçin ol her bir gijäniň hümmetini, obrazly bir ýyla deň diýip kabul edeipdir. Şeýdip, beýik alym wagt birligindäki edilen işiň netijesinden ugur alyp, özüne şetli ýaş kesgitläpdir.

Muny nähili subut edip bolar?

Hijri-kamary senenamasyna görä, 1 ýyl 354 gün bar. Bu sany alymyň netijeli işlän ýyllaryna, ýagny, 25 ýyla köpeldip, wagtyň gije-gündizdäki san bahasyny alarys:

354 x 25= 8850 gije-gündiz

Jüzjanynyň tassyklamagyna görä, beýik alym, esasan, gijelerine edilen işden lezzet hem kanagat alypdyr. 25 ýylyň dowamyndaky ýarym gije-gündiziň san bahasyny hasaplap alarys:

8850 : 2 = 4425

Diýmek, geçirilen her bir gije (ýa-da 0.5 gije-gündiz) Ibn Sinanyň hasabyna görä şertli bir ýaşa deňdir. Getirilip çykarylan ýaşdan beýik alym Taňrynyň şu döwür üçin beren «öz» ýaşyny, ýagny, 25 ýaşy aýrypdyr:

4425 – 25 = 4400 sany alypdyr.

Diýmek, Ibn Sina alym hökmünde ömrüniň soňky 25 ýylynyň dowamyndaky öndümli işlän her bir gijesini bir ýaş diýip şertli kabul edip, alnan san bahadan Taňrynyň beren 25 ýaşyny aýryp, özüne şertli 4400 ýaşy kesgitläpdir.

Ýazylanlardan şeýle netije çykaryp bolar: Lukman hekim bilen baglanyşdyrylýan 4400 ýaş Gündogaryň beýik alymy, belli tebip Abu Aly Ibn Sinanyň ömürnamasyndaky maglumatlar bilen doly tassyklanýar. Biz mundan beýläk alymyň ylmy döredjiligi hakynda gürrüň edenmizde, Ibn Sinanyň adyna ýöňkelýän Lukman hekim atly lakamyny ulanmaklygy ýerlikli bilýäris. Bu ýagdaý Magtymgulynyň döredijiliginde-de tassyklanýar.

Lukman hekim – Abu Aly Ibn Sina 980-nji ýylda Buharada dogulýar. Onuň kakasy Abdyllanyň asly Balh şäherinden, ejesi Sitora-Banu afşanly. Abdylla hatly-sowatly adam bolup, ol köşkde emiriň emeldary bolupdyr.

Eýranly alym Seýit Nafisiniň berýän maglumatyna görä, Ibn Sina arap dilinde 456, pars dilinde 25 eser ýazypdyr. M. B. Baratow bilen akademik U. I Kerimow bolsa Ibn Sinanyň ýazan eserleriniň sanyny 450-den gowrak diýip belleýärler. Olaryň diňe 240-sy bize gelip ýetipdir. Biziň günlerimize çenli gelip gowşan eserleriniň 150-si filesofiýa, 40-ysy medisina, 50-si bolsa beýleki ylymlara – tebigat ylymlaryna, dile, edebiýata, saza degişlidir.

Adam ýüregine poeziýanyň onyň täsirini duýandygy sebäpli, Lukman hekim lukmançylyga degişli melhemleri (reseptleri) urjuzlarda ýazypdyr. Ýagny, melhemler şygyrlar bilen ýazylypdyr. Käte uly, göwrümli ylmy eserler hem urjuzlarda beýan edilipdir. Şeýle uly eserleriň biri 1326 bentden ýa-da 2652 setirden ybarat bolupdyr. Lukman hekim poeziýa bilen lukmançylygyň arasynda özara baglanyşygyň bardygyny duýupdyr. Alymyň pikiriçe şahyr – sözüň ussady, lukman bolsa – teniň hökümdarydyr. Olaryň biri ruhy bejerýär, beýlekisi bolsa teni bejerýär. Beýik alym poeziýanyň üsti bilen melhemleri gysga, çuňňur ýazypdyr. Mysaly Magtymgulydan alalyň. Biz şahyryň goşgy setirlerini 1983-nji ýylda «Türkmenistan» neşirýatynda çapdan çykan iki tomlugyndan aldyk.

***Burç bilen duz täze ýara,***
***Awy gatar rozygäre***

***

***Magtymguly yllatly göz,***
***Haraba döner degse duz.***

Bu setirlerde burç bilen duzuň (bu ýerde nahar duzy manysynda- Ç.K.) täze ýarany bejermekde ulanylýandygy, şeýle melhemiň agyryly bolýandygy, süýji durmuşyňa awy gatan ýaly edýändigi, ikinji mysalda bolsa agyryly göze (bu ýerde iriňli manysynda – Ç.K.) nahar duzy (ýa-da onuň suwdaky ergini – Ç.K.) bilen ýapgy edilse, agyrynyň çişini aýryp bolýandygyny, şeýle ýagdaýy gapysyz, penjiresiz, depesiz taşlantgy jaýa, ýagny, haraba meňzetmek bilen beýan edilýär. Magtymguly lukmançylyk melhemleriniň ýönekeý usulyny durmuşabap meňzetmeler arkaly sada, düşnükli hem gysga aňladýar. Bu, özboluşly ylmy traktatyň şygyrlar (urjuzlar) arkaly beýan edilmesidir.

Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet Azadynyň golýazmalarynyň içinde 40 sany melhem tapylypdyr. Öz döwründe olaryň 10 sanysyny lukman Ö. Sähetdurdyýew okyjylara ýetiripdi. Şolaryň birnäçesini mysal getireliň:

1. Eger, kimirse köp üsgürse, sarymsak, gara üzümiň dänesini we filfil (gara burçy) mäjum edip, ýatar wagty iýse şypa tapar.

2. Eger kimirsäniň bili agyrsa, hyýar tohumyny gawunyň gabygy (paçagy) bilen ýenjip biline baglasa, şypa tapar.

3. Eger kimirsä awy berilse, sygyryň ýüregini mesge ýagynda eredip iýse, şypa tapar.

4. Eger kimirsäniň dişini gurt iýse, gara burçy döwüp, duzy ýakyp garjaşdyryp ýapsa, şypa tapar.

Bu maslahatlaryň häzirki zaman lukmançylygy nukdaýnazardan ähmiýetini ýitiren bolmagy mümkindir. Emma halk emlerini öwreniş taýdan belli bir ähmiýetiniň bardygy gürrüňsizdir. Mysallardan görnüşi ýaly Magtymgulydyr Azadynyň lukmançylyk bilen baglanyşykly melhemleriniň esasyny gök önümler, mal ýaglary we nahar duzy tutýar. Lukman hekimiň hem belli bolan 1500 töweregi melhemleriniň esasyny şeýle maddalar eýeleýär. Özem bu maddalar häsiýetleri, düzümleri, elýeterliligi we täsir edijiligi boýunça halka ýakan. Tanyş bolan maddalardyr. Bu maddalaryň ulanylyşy, bejeriş netijeliligi boýunça lukmançylygyň taryhynda düýpli orun alan we uly meşhurlyga eýe bolan gadymy ýunan lukmany Galeniňkiden (II asyr) has ýokardyr. Beýik alym Galendir Platonyň işlerine uly hormat goýmak bilen birlikde, olaryň işlerini tankydy nazar bilen seljeripdir. Platonyň ruhuň ölmez-ýitmezligi hakyndaky pikiriçe-de ol doly unamandyr. Beýik lukmanyň pikiriçe, adamynyň ruhy ölmez-ýitmezdir, ýagny, ruh Platonyň diýşi ýaly (ölýän we ölmeýän) toparlara bölünmeýär. Ol ýeke-täkdir.

Ruhyň ölmez-ýitmezdigi, ýeke-täkdigi hakyndaky düşünjeler Magtymgulyda-da bar. Ol «San bolsam» atly şygrynda bolan garaýşyny şeýle setir bilen aňladypdyr:

***Galen, Eflatuna ýolun görkezip.***

Şahyr agzalan ýunan alymlarynyň käbir pikirleri bilen doly ylalaşmaýandygyny ýaňzydýar.

Lukman hekim ganyň howa tebigatynyň bardygyny ykrar edýär. Onuň pikiriçe, gandaky täsirler netijesinde sowuk hem gyzgyn, suwuk hem gaty halda bolup bilýär. Şu pikiri tassyklaýan setirler Magtymgulyda-da bar. Onuň «Iglärler» diýen goşgusyndan bir bendi okalyň:

***Sag-salamat, sermest bolup gezen jan,***
***Dört belanyň birisinden aglarlar.***
***Ýa sowukdan, ýa yssydan guryr gan,***
***Ten üstünde tebipleri eglärler.***

Şol bir wagtyň özünde-de bu setirler Magtymgulyny gadymy ýunan akyldary bolan Aristotel (b.e. öňki IV asyr) bilen baglanyşdyrýar. Aristoteliň pikiriçe, ähli maddy barlyklar dört sany apatdan: otdan, suwdan, ýerden hem howadan düzülendir. Şolaryň sazlaşykly utgaşmasy hem Taňrynyň eradasy bilen täze maddalary emele getirýär, öwrülişikler amala aşýar. Bu düşünje Platonyňkydan tapawutlydyr. Platona görä, her bir sanalan maddy

bölejikleriň özi-de ruhdan düzülendir. Maddalaryň döremegi, dargamagy bölejikleriň ruhuna we Taňrynyň emrine baglydyr.

Ýokardaky getirilen bentde aristotelçilik başlalangyçlaryň ähli 4 elementi-de duýulýar: gan yssydan (ot) bugarýar (howa), suwuny (suw) ýitirýär, guraýar we gaty hala (ýer) öwrülýär.

Lukman hekim öz eserlerinde keseliň öňüni almagyň çäreleri hakynda-da ýazyp geçipdir. Magtymgulyda-da «Saglygyň gadyryn bilgil, hassa bolmasdan burun» diýen setir bar. Şahyryň pikiriçe, saglygy saklamak üçin şahsy gigiýenany berjaý etmeli. Azadynyň lukmançylyga degişli melhemleriniň arasynda Lukman hekime degişli bir maglumat bar. Şol maglumata görä, Lukman hekim adamlara dört sany zady maslahat beripdir: az iýmek, az ýatmak, az aýala ýanaşmak we az sözlemek. Bu maslahatyň Lukman hekimden çykandygyny tassyklaýan anyk maglumatlar hem bar.

Lukan hekimiň «Kanunlar» atly kitabynda köp iýmegiň, köp ýatmagyň we köp aýala ýanaşmagyň adamyň saglygyna ýaramaz täsir edýändigi bellenilýär. Bu düşünje Magtymgulyda-da bar:

***... Az iýgil, az ýatgyl sözüň az etgil,***
***Ne bar manysyz söz uzamak bilen.***

Lukman hekim köp iýmegiň adamyň dem alşyny kynlaşdyrýandygyny, köp uklamagyň gan aýlanyşygyny haýalladýandygyny, ony ýalta edýändigini aýdyp geçýär. Bu pikir Lukman hekimden hem sähel öňräk ýaşap geçen belli lukman Abu Bekr Ar-Razynyň (IX-X asyrlar): «Adam iýmiti keýp hem lezzet almak üçin iýmeli däldir» diýen belli ýörelgesini-de ýatladýar.

Lukman hekim himiýa ugrundan hem uly işler edipdir. Beýik alyma çenli ylymda hem durmuşda alhimiýa uly orun beripdir. Alhimikleriň pikiriçe, zatlaryň formasyny, daşky görnüşini üýtgetmek mümkin. Alhimikleriň baş maksady asly däl metallary (meselem: misi, demri, gurşuny) asly metallara (altyna, kümşe) öwürmek bolupdyr. Alhimikler asly däl metallaryň daşyna altynyň ýa-da kümşüň reňklerine meňzeş boýaglara çaýmak bilen, ýa-da olara meňzeş splawlary (metallary eredip, garyşdyryp alynýan önüm) almak bilen gazanyp bolar diýen hyýaly düşünjäniň ýalňyşdygyny, altyna ýa-da kümşi almak üçin metallaryň mazmunyna laýyk gelýän, düýpli özgermerleri geçirmeldigini, asly däl metallaryň daşyny, sypatyny özgerdip, olardan altyny ýa-da kümşi alyp bolmajakdygyny düşündiripdir.

Gadymy Gündogara belli bolan zergärçilik sungaty-da öz ösüşiniň dowamynda şuňa meňzeş ahlak, psihologiki özgerişlikleri başdan geçiripdir diýip çaklamak bolar. Magtymgulynyň zergärçilik bilen meşgullanandygyny onuň goşgularynyň üsti bilen bilýäris. Ol alhimiýanyň taryhy bilen hem tanyş. Ol alhimikleriň baş maksadynyň misden öwrülişikli usullar arkaly altyny almakdygyna düşünýär:

Nazarym kimýadyr, mis, altyn bolar,

Şol bir wagtyň özünde-de misi altyna öwürmek üçin onuň daş sypatyna özgertmegiň netijesizdigini belleýär:

***Mis her niçe ýalpyldasa, ze olmaz.***
***
***Her daş göwher olmaz, misden zer olmaz.***

Magtymgulydyr Azadynyň goşgularynda alhimikleriň durmuşyna mahsus bolan 7 sany metal: altyn, kümüş, simap, mis, demir, gurşun, galaýy hakynda, şeýle-de nebit, sirke, çakyr (etil spirti), nahar duzy, gurşun belilasy (baruk), stibnit (sürmäniň kükürtli birleşmesi) hakynda söhbet açylýär.

Lukman hekimiň «Kanynlarynda» şu sanalan himiki maddalaryň hemmesi-de ol ýa-da beýleki keselleri bejermekde ulanylýar. Şeýle-de bu kitabda sanalan maddalaryň alnyş hem ulanyş usullary, olaryň esasynda melhemleriň taýýarlanylyş hakda giňişleýin gürrüň edilýär. Bu ýagdaý Magtymgulynyň Lukman hekimiň lukmançylyk babatdaky işleri bilen ýakyndan

tanyş bolandygyny, oňa «dertlileriň ýanynda men lukman bolsam» diýen setirleri dile getirmäge esas berendigini aňladýar.

Lukman hekimiň älemiň gurluşy hakdaky düşünjesi geosentrik esasdadyr, ýagny älemiň merkezinde Ýer bolup, onuň daşynda Aý, Gün we planetalar aýlanýar. Bu Magtymgulyda-da şeýledir:

***Afytapdyr kirpigi ýok, gaşy ýok,***
***Jahany aýlanar, köp närse görmüş.***

Lukman hekim öz döwürdeş alymy Biruny bilen ýazyşan hatlarynda gury Ýeriň diňe dörtden bir böleginiň ýaşaýyş üçin ýaramlydygyny, galan üç böleginiň ýaramsyzdygyny belläp geçýärler. Alymlaryň bu pikiri-de Magtymgulynyň döredijiliginden sowa geçmändir:

***Üç essesi däli derýa,***
***Bir esse ýerde müň gowga,***

Merkezi Aziýanyň tebigy aýratynlyklary, geografik ýerleşişi relýefi, mineral çeşmeleri, tebigy hadysalary Lukman hekime bu ugurdan käbir düýpli pikirleri aýtmaga şert döredipdir. Alymyň pikiriçe, hemme hereket wagt we giňişlikde amala aşýar.

Bu pikiri Magtymguly-da tassyklaýar:

***Aýlanar, gyş geçer, ýaz, tomus, güýz hem,***
***Tap getirmez oňa dag, deňiz, düz hem.***

Lukman hekim daglaryň, minerallaryň emele gelmegini errozýa hadysasynyň üsti bilen düşündirýär. Biruny bolsa çökündi dag jynslarynyň emele gelmeginde esasy ornuň tozanlanmaga degişlidigini tassyklap, ol hem şeýle pikiri gol ýapýar.

Lukman hekim daglary iki topara: ýaş we garry daglara bölýär. Ýaş daglar çygly topraklaryň dykyzlaşmagynyň hasabyna, uzak wagtyň dowamynda emele gelýärler. Garry daglar bolsa, uzak ýyllaryň täsirine düşüp, kem-kemden tozanlanmak hadysalary netijesinde topraga öwrülýär. Bu Magtymgulyda-da şeýledir:

***Gara daşly, seri duman bu daglar,***
***Toprak bolar, gara daşdan aýrylsa...***

***

***Boz dumanly beýik daglar***
***Garraýyp zemine batar.***

Lukman hekimdir Biruny Ýeriň okeanlaşmagyny ummanlaşmagyny daglaryň emele gelmegi bilen düşündirýärler. Ýagny, çygly topraklar uzak ýyllaryň dowamynda bugaryp, suwuny ýitirýärler. Şeýlelikde, toprak dykyzlaşýar we daşa — daga öwrülýär. Toprakdan boşaşan suw buglary suwuk hala geçip, dünýä ummanyny emele getirýärler. Bu düşünje Magtymguly-da öz beýanyny tapýar:

***Gara daglar katra-katra ýaş döküban halyma,***
***Döredipdir ulug umman, ýüzdürer Nuh salyny.***

Bu setirleri Lukmandyr Birunynyň dag emele gelmegi we dünýä ummanynyň döremegi hakyndaky teoriýasyndan ugur alyp düşündirip bolýar. Ýagny, toprak ýylylygyň täsiri bilen bugarýar, suwuny ýitirýär, guraýar we daşa-daga öwrülýär. Bugaran suw ygal görnüşde ýere inýär. Şeýle öwrülişikler müňlerçe ýyllaryň dowamynda gaýtalanýar. Topragyň daga öwrülen böleginden boşaşan suwlar kem-kemden, gözýaş (katra-katra) mysaly haýallyk bilen ýygnanyp, uly ummany — okeany emele getirýär. Bu öwrülişikler aristoteliçilik başlangyjyň dört elementine esaslanýar. Ýagny, toprak (ýer) ýylylgyň (ot) täsiri bilen buga (howa) öwrülýär, ýagyn (suw) bolup Ýere inýär.

Belli Gündogarşynas alym Ý. Bertelsiň pikiriçe, sufizme baş goşan adamlaryň öz söz düzümleri, adalgalry bolýar. Bu alymyň pikiriçe, Gündogar poeziýasyndaky «katra-katra» sözi-de sufizme degişli söz hasaplanýar. Mälim bolşy ýaly , Magtymguly ömrüniň belli bir döwründe diňe Beýik Taňrynyň yşky bilen ýaşapdyr. Ähtimal, onuň Magtymgulynyň sopuçylyk yşky bilen ýazylan bolmagy-da mümkindir. Haýsy bolanda-da, bu meňzetmäniň

düýp manysynda Lukman hekimdir Birunynyň Ýeriň okeanlaşmagy-ummanlaşmagy hakyndaky teoriýa ýatýar.

Ýene bir zady belläp geçmegimiz gerek, Magtymgulynyň pikiriçe, tebigatdaky, durmuşdaky hadysalar, hatda dini wakalar, ýeke-täk umumy bir kanuna boýun egýärler. Şol kanun wagt birliginde we giňişlikde hereket edýär. Dünýä şol hökmürowan kanun boýunça dolandyrylýar:

***Güýjünden, kuwwatyndan,***
***Dünýäniň nobatyndan.***

Lukman hekim poeziýa bilen hem içgin iş salşypdyr. Onuň goşgulary belent adamçylyga bagyşlanypdyr. Onuň çňňur filosofiýa eýlenen, rubagy äheňli goşgulary öz döwründe uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Käbir alymlaryň pikirleriçe, Omar Haýýamyň rubagylaryndaky erkin pikirlik Lukman hekimiň döredijiliginden geçipdir. Alymlar R. Alyýewiň we M. Osmanowyň tassyklamaklaryna görä, Lukman hekimiň köp goşgulary Omar Haýýamyň ady bilen çap edilipdir. Bu ýerde oýlanara zat bar! Sebäbi çakyra bolan höwes, erkin pikirlilige bolan hyjuw, lukmanşylyk edebi Lukman hekimi rubagy goşgy sungaty bilen çatan bolmagy mümkindir.

Ine, hormatly okyjy Lukman hekim, Abu Aly Ibn Sina bilen Magtymgulynyň döredijiligindäki häsiýetleriň umumylygy şulardan ybarat. Belki, bu Magtymguly Pyragynyň eserlerini ylmy taýdan has çuňňur öwrenmäge hemaýat etse gerek.



***Çary Kulyýew,***
Himiýa ylymlarynyň kandidaty

*Çeşmesi: Turkmenistanynň Altyn Asyr neşriýeden*
*Taýýarlan: Ş.A*
*Türkmen Kultur Ojagy, Göteborg*